**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

**– YLYM WE BILIM JEMGYÝETIŇ HEM-DE DÖWLETIŇ HEMMETARAPLAÝYN SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINI ÜPJÜN ETMEGIŇ BERK BINÝADYDYR.**

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR

# MUGALLYMLAR GAZETI

Gazet 1952-nji ýylyň 11-nji ýanwaryndan bäri çykýar.

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

2026-njy ýylyň 1-nji apreli

№ 26 (10468)

ÇARŞENBE



## BELENT ÖZGERTMELERIŇ AÝDYŇ BEÝANY

**Häzirki wagtda ýurdumyzyň oba hojalygynda ýaýbaňlandyrylýan möwsümleýin işler agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ýerine ýetirilýär. Şunuň bilen baglylykda, 30-njy martda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow oba hojalyk ministri Ç.Çetiýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we welaýatlarda alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy, şeýle-de şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň barşy baradaky hasabatlar diňlenildi.**

Ilki bilen, Ahal welaýatynyň häkimi T.Nurmyradowa söz berildi. Ol welaýatdaky möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, şu günler sebitiň bugdaý ekilen meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleri ýerine ýetirilýär. Gowaça ekişine guramaçylykly girişilip, bu jogapkärli möwsümi agrotehniki möhletlerde geçirmek üçin degişli işler alnyp barylýar. Welaýatyň ýazlyk ýeralma, gök-bakja ekinleri ekilen meýdanlarynda degişli ideg işleri dowam edýär. Pile öndürijiler bilen şertnamalar baglaşylyp, ýüpekçi kärendeçileri ýüpek gurçugynyň tohumy bilen üpjün etmek babatda zerur çäreler görülýär.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, möwsümleýin oba hojalyk işleriniň, hususan-da, gowaça ekişiniň, bugdaýa we ýazlyk gök-bakja ekinlerine ideg etmek işleriniň agrotehniki möhletlerde, ýokary hilli geçirilmeginiň möhümdigini belledi hem-de häkime bu işleri berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Balkan welaýatynyň häkimi H.Aşyrmyradow welaýatda dowam edýän oba hojalyk işleri barada hasabat berdi. Häzirki wagtda welaýatyň bugdaý ekilen meýdanlarynda mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleri ýerine ýetirilýär. Şu ýylyň hasyly üçin gowaça ekişi dowam edip, bu jogapkärli möwsümi bellenen möhletlerde tamamlamak üçin zerur çäreler görülýär. Welaýatyň ýazlyk ýeralma, gök-bakja ekinleri ekilen meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg işleri geçirilýär. Pile öndürmek möwsümine taýýarlyk görmegiň çäklerinde pile öndürijiler bilen şertnamalar baglaşylyp, ýüpek gurçugynyň saklanjak ýerlerini taýýarlamak babatda degişli işler dowam edýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, oba hojalyk önümçiliginde agrotehnikanyň kadalarynyň berk berjaý edilmeginiň ekinlerden ýokary hilli hasyl almagyň esasy şertleriniň biridigini belledi we welaýatyň ekerançylyk meýdanlarynda dowam edýän möwsümleýin işlere, hususan-da, gowaça ekişine, bugdaýa, ýazlyk ekinlere ideg etmek işlerine yzygiderli gözegçiligi üpjün etmegi tabşyrdy.

Daşoguz welaýatynyň häkimi D.Babaýew welaýatdaky möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi. Bu işleriň çäklerinde häzirki wagtda welaýatyň bugdaý ekilen meýdanlarynda mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleri alnyp barylýar. Hormatly Prezidentimiziň ak pata bermegi bilen, welaýatda gowaça ekişine guramaçylykly girişilip, häzirki wagtda bu işler agrotehniki möhletlerde alnyp barylýar. Ýazlyk ýeralmanyň, beýleki gök-bakja ekinleriniň ekişi dowam edýär. Welaýatda pile öndürmek möwsümini guramaçylykly, ýokary hilli geçirmäge taýýarlyk görülýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, şu günler ýurdumyzyň oba hojalygynda ýaýbaňlandyrylan möwsümleýin işleri, hususan-da, gowaça ekişini agrotehniki möhletlerde, guramaçylykly geçirmek üçin ähli zerur çäreleriň görülmelidigini belledi hem-de häkime birnäçe anyk tabşyryklary berdi. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz bugdaýa, ýazlyk ekinlere ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda alnyp barylmagyny berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Lebap welaýatynyň häkimi D.Genjiýew welaýatda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, sebitiň ak ekin meýdanlarynda mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleri alnyp barylýar. Hormatly Prezidentimiziň ak pata bermegi bilen, welaýatda gowaça ekişine girişilip, ony guramaçylykly geçirmek üçin zerur çäreler görülýär. Ýazlyk ýeralma, sogan ekilen meýdanlarda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg işleri ýerine ýetirilýär. Döwlet Baştutanymyzyň ýüpekçilik pudagyny ösdürmek, piläniň öndürilýän möçberini artdyrmak babatda öňde goýan wezipelerini üstünlikli amal etmek maksady bilen, welaýatda kärendeçiler bilen şertnamalar baglaşyldy, ýüpek gurçugynyň idediljek jaýlary möwsüme doly taýýar edildi. Häzirki wagtda ýüpek gurçugynyň tohumyny kärendeçilere paýlamaga girişildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ekişden başlap, ideg etmek işlerine çenli oba hojalyk önümçiliginiň ähli tapgyrlarynda agrotehnikanyň kadalarynyň berjaý edilmeginiň ekinlerden bol hasyl almak bilen bir hatarda, ýer-suw serişdelerinden netijeli peýdalanmaga, pudagy durnukly ösdürmäge ýardam berýändigini belledi we häkime gowaça ekişiniň barşyny, bugdaýa, ýazlyk ekinlere ideg işlerini berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Mary welaýatynyň häkimi D.Annaberdiýew welaýatda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi. Hasabatda nygtalyşy ýaly, şu günler sebitiň bugdaý ekilen meýdanlarynda mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleri utgaşykly alnyp barylýar. Hormatly Prezidentimiziň ak pata bermegi esasynda welaýatda gowaça ekişine guramaçylykly girişilip, bu jogapkärli möwsümi ýokary hilli geçirmek boýunça zerur çäreler görülýär. Ýazlyk ýeralma, beýleki gök-bakja ekinleri ekilen meýdanlarda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg işleri dowam edýär. Şeýle hem pile öndürijiler bilen şertnamalary baglaşmak, olary ýüpek gurçugynyň tohumy bilen üpjün etmek, pile kabul ediş nokatlaryny taýýarlamak boýunça degişli işler geçirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, welaýatyň ekerançylyk meýdanlarynda dowam edýän agrotehniki çäreleriň, hususan-da, gowaça ekişiniň, bugdaýa hem-de ýazlyk ekinlere ideg işleriniň talabalaýyk, ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegini üpjün etmek üçin toplumlaýyn çäreleriň zerurdygyny belledi hem-de bu babatda häkime degişli tabşyryklary berdi.

Şeýle-de döwlet Baştutanymyz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça maksatnamalary amala aşyrmagyň çäklerinde welaýatlarda şu ýyl açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýan desgalardaky gurluşyk işleriniň öz wagtynda ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra oba hojalyk ministri Ç.Çetiýew ýurdumyzyň oba hojalygynda dowam edýän möwsümleýin işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda Diýarymyzyň bugdaý ekilen meýdanlarynda gallaçy babadaýhanlar tarapyndan agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg etmek işleri dowam edýär. Hormatly Prezidentimiziň ak pata bermegi bilen, il sylagly ýaşulularyň gatnaşmagynda ýurdumyzda gowaça ekişine girişilip, bu möwsümi bellenen agrotehniki möhletlerde, ýokary hilli geçirmek üçin zerur çäreler görülýär. Ekişde kuwwatly oba hojalyk tehnikalarynyň doly güýjünde netijeli işledilmegine aýratyn üns berilýär. Ýeralma, gök-bakja we beýleki azyklyk oba hojalyk ekinlerine ideg etmek işleri alnyp barylýar. Pile öndürmek boýunça bellenen meýilnamany üstünlikli ýerine ýetirmek, ýüpek kärhanalaryny çig mal bilen üpjün etmek maksady bilen, häzirki wagtda pile öndürijiler bilen şertnama baglaşmak işleri tamamlaýjy tapgyrda alnyp barlyp, ýüpek gurçugynyň tohumyny we idediljek jaýlaryny möwsüme taýýarlamak boýunça degişli işler dowam edýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, oba hojalyk pudagynyň milli ykdysadyýetimizdäki möhüm ornuna ünsi çekdi we ýurdumyzda oba hojalyk ekinlerinden bol hasyl almak boýunça pudagyň öňünde durýan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi üçin ähli zerur çäreleri görmegi tabşyrdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, möwsümleýin oba hojalyk işleriniň möhüm ähmiýetine ýene-de bir gezek ünsi çekdi hem-de gowaça ekişiniň agrotehniki möhletlerde geçirilmegini, bugdaýa, ýazlyk gök-bakja ekinlerine ideg işleriniň talabalaýyk ýerine ýetirilmegini, pile öndürmek möwsümine guramaçylykly taýýarlyk görülmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly geçirilen iş maslahatyny jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglygyny, maşgala abadançylygyny, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

**«Mugallymlar gazeti».**

## HAÝYR-SAHAWAT — YNSANPERWERLIGIŇ ÝÖRELGESI

*Gahryman Arkadagymyz Arkadag şäherine iş saparyny amala aşyrdy*

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe geljegimiz bolan ýaş nesilleriň röwşen geljegini üpjün etmäge, olaryň beden we ruhy taýdan sagdynlygyna gönükdirilen işler döwlet syýasatynyň esasy ugrudyr. Şeýle asylly ýörelgeler Arkadag şäherinde haýyr-sahawat, ynsanperwerlik, hemaýat ýaly alnyp barylýan beýik işlerde hem öz beýanyny tapýar. Şoňa görä-de, 28-nji martda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäherine iş saparyny amala aşyryp, bu ýerde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň müdiriýetiniň mejlisini geçirdi.**

Irden Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň Arkadag şäherinde ýerleşýän ştab-kwartirasyna gelende, türkmen halkynyň Milli Lideri mähirli garşylanyldy.

Mejlise gaznanyň müdiriýetiniň agzalary, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy hem-de Arkadag şäheriniň häkimi gatnaşdylar. Gahryman Arkadagymyz mejlisde ýurdumyzda ýaş nesilleri durmuş taýdan goldamak, olaryň bagtyýar durmuşda ýaşamagyny üpjün etmek hem-de howandarlyga mätäç çagalaryň saglygynyň dikeldilmegine ýardam bermek maksady bilen döredilen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işleri, ýetilen sepgitler barada hasabatlaryň diňleniljekdigini aýtdy. Milli Liderimiz, ilki bilen, gaznanyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti O.Atabaýewa söz berdi.

O.Atabaýewa Gahryman Arkadagymyzy hem-de hormatly Prezidentimizi gaznanyň döredilmeginiň 5 ýyllygy bilen gutlady. Şeýle hem ol gaznanyň goldawy bilen bejergi alan we saglygyny dikelden ýurdumyzyň ýaşajyk raýatlarynyň okamaga, döretmäge, bilimli, ylymly, Watana wepaly şahsyýetler bolup ýetişmäge bolan höwesiniň örän ýokarydygyny belledi. Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilen wagtyndan bäri tutuş ýurdumyz boýunça näsag çagalaryň 758-sine operasiýalaryň geçirilendigi, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezinde şu günki güne çenli 2 müň 467 çaganyň döwrebap sagaldyş-dikeldiş bejergisini alandygy, merkezde innowasion tehnologiýalaryň ýerli tebigy serişdeler bilen utgaşykly ulanylmagy arkaly toplumlaýyn dikeldiş bejergisiniň ýola goýlandygy barada aýdyldy.

O.Atabaýewa gaznanyň işinde halkara hyzmatdaşlyga hem uly ähmiýet berilýändigini nygtap, geçen ýylda Arkadag şäherinde bu ugra degişli halkara maslahatyň geçirilendigini, oňa onlarça döwlet düzümleriniň, jemgyýetçilik guramalarynyň, halkara guramalaryň ýolbaşçylarynyň hem-de wekilleriniň gatnaşandyklaryny aýtdy. Şeýle-de Monako Knýazlygyna, Özbegistan Respublikasyna, Azerbaýjan Respublikasyna, Hytaý Halk Respublikasyna, Russiýa Federasiýasyna, Katar Döwletine amala aşyrylan saparlaryň netijesinde degişli çözgütler kabul edildi.

2



# Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmeginiň 5 ýyllygy mynasybetli ÇYKYŞY

*(Arkadag şäheri, 2026-njy ýylyň 28-nji marty)*

***Eziz watandaşlar!***
***Hormatly adamlar!***

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmegine 5 ýyl dolýar. Bu şanly sene mynasybetli hormatly Prezidentimizi, bütin halkymyzy, gaznanyň agzalaryny tüýs ýürekden gutlaýaryn.

***Hormatly adamlar!***

Türkmeniň ynsanperwerlik ýoly gadymy taryhymyzdan gözbaş alýar. Haýyr-sahawat etmek halkymyzyň asylly däbidir. Bu ýol häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda mynasyp dowam etdirilýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň çagalarynyň bagtyýar durmuşyny, röwşen geljegini üpjün etmek döwletimiziň ileri tutýan ugurlarynyň biridir. Munuň üçin döwletimiziň berk binýady bar.

Häzirki döwürde çagalarymyzyň döwrebap bilim alyp, berk bedenli, giň dünýägaraýyşly bolup ýetişmekleri üçin ähli şertler döredilendir. Çagalaryň sagdyn ösüp-ulalmagy, jemgyýetde öz ornuny tapmagy, kämil şahsyýetler bolup ýetişmegi — bu biziň her birimiziň islegimizdir, arzuwymyzdyr. Halkymyzda «Öý ýaraşygy — çaga» diýlişi ýaly, çagalary goldamak, hemaýat bermek, olaryň geljegi hakynda alada etmek biziň baş maksadymyzdyr.

***Eziz watandaşlar!***

Gaznamyzyň döredilen gününden bäri köp işler amala aşyryldy. Kömege mätäç çagalaryň müňlerçesine yzygiderli goldawlar berildi. Bu çagalar häzirki wagtda sagdyn durmuşyň şatlygyny duýup ýaşaýarlar. Olaryň döredijilige, ylym-bilime, sporta höwesini göreniňde, buýsanjyň has-da artýar. «Çaga eziz, edebi ondanam eziz» diýlişi ýaly, ýaşuly nesliň wekilleri bilen häzirki nesilleriň arabaglanyşygyny aýratyn bellemek isleýärin. Birek-birege hormat-sarpa goýmak, halypa-şägirtlik, öwüt-ündew halkymyzyň durmuşyna giňden ornaşandyr. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň we gaznanyň ýanynda döredilen Ýaşulular geňeşi hem bu babatda netijeli işleri alyp barýar.

***Hormatly adamlar!***

Bilşiňiz ýaly, geçen ýyl haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmeginiň 4 ýyllygy mynasybetli Arkadag şäherinde «Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: çagalaryň hatyrasyna halkara işiniň ösüşi» atly halkara maslahat ýokary derejede geçirildi. Bu maslahat gaznanyň halkara derejedäki abraýyny has-da artdyrdy. Dünýäniň dürli ýurtlaryndan gelen myhmanlar onuň alyp barýan işine ýokary baha berdiler.

Haýyr-sahawat gaznasynyň hasabyna häzirki wagta çenli dünýäniň köp ýurtlarynyň dürli ýagdaýlar sebäpli kynçylyga uçran çagalaryna ynsanperwerlik ýükleri ugradyldy. Biz ata-babalarymyzdan gelýän ynsanperwer däplere eýerip, bu asylly işleri mundan beýläk-de dowam etdireris.

Çagalar bagta, mähre mynasypdyr!

Çagalar parahat we abadan durmuşa mynasypdyr!

***Eziz watandaşlar!***
***Hormatly gaznanyň agzalary!***

Pursatdan peýdalanyp, siziň ähliňizi gaznamyzyň döredilmeginiň 5 ýyllygy bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýaryn. Goý, geljegimiz bolan ýaş nesillerimiz sagdyn, berk bedenli, ylymly-bilimli, kämil şahsyýetler bolup, Watanymyzyň abraýyny belende göterjek ýaşlar bolup ýetişsinler!

***Hormatly gaznanyň agzalary!***

Sizi ýene-de gutlamak bilen, alyp barýan asylly işleriňizde mundan beýläk hem uly üstünlikleri arzuw edýärin.

# HAÝYR-SAHAWAT — YNSANPERWERLIGIŇ ÝÖRELGESI

***Gahryman Arkadagymyz Arkadag şäherine iş saparyny amala aşyrdy***

1 «2025-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistandaky wekilhanasy, Hytaýyň Sun Sinlin adyndaky gaznasy, Azerbaýjanyň Geýdar Aliýew adyndaky gaznasy bilen özara düşünişmek hakynda Ähtnamalara gol çekilmegi geçen ýylyň haýyr-sahawat gaznasy üçin netijeli ýyllaryň birine öwrülendigini görkezýär» diýip, gaznanyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti belledi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri gaznanyň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek we özara tejribe alyşmagy işjeňleşdirmek boýunça birnäçe tabşyryklaryny berdi.

Soňra Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň dolandyryş işleri boýunça wise-prezidenti R.Bazarow gaznanyň işi barada giňişleýin maglumat berýän hasabat bilen çykyş etdi.

Gahryman Arkadagymyz gaznanyň hojalyk işlerini häzirki döwrüň talabyna laýyk derejede ýöretmek, bu ugurda degişli düzümleriň sazlaşykly işini üpjün etmek babatda birnäçe tabşyryklary berdi.

Soňra Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazow häzirki wagtda Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň çäklerinde alnyp barylýan işleriň, aýratyn-da, «Arkadag Medisina Klasteri Menejment» kärhanasynyň gurluşyk işleriniň hemişe gözegçilikde saklanylmalydygyny, onuň depgininiň güýçlendirilmelidigini we öz wagtynda ulanmaga berilmelidigini nygtap, birnäçe görkezmeleri berdi.

Soňra Arkadag şäheriniň häkimi G.Mämmedowanyň hasabaty diňlenildi. Bellenilişi ýaly, gaznanyň döredilmeginiň 5 ýyllygy mynasybetli «Arkadag Binasynyň» öňündäki meýdançada geçiriljek baýramçylyk dabarasyna häkimlik tarapyndan ýokary guramaçylyk derejesinde taýýarlyk görlüp, çäräniň medeni maksatnamasyna laýyklykda, dabara köp sanly ildeşlerimiz bilen bir hatarda, gaznanyň hasabyna bejergi alýan çagalaryň, olaryň ene-atalarynyň, ýurdumyzyň ministrlikleriniň, pudak edaralarynyň ýolbaşçylarynyň, daşary ýurtlaryň we halkara guramalaryň Türkmenistandaky wekilhanalarynyň wekilleriniň çagalarynyň, ýaşlaryň gatnaşmagynyň meýilleşdirilýändigi aýdyldy.

Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzyň durmuşynda möhüm ähmiýeti bolan bu şanly senäniň hormatyna guraljak dabaralaryň täsirli pursatlara, ýatda galyjy wakalara baý bolmalydygyny belledi.

Mejlisiň dowamynda Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň müdiriýetiniň agzasy Ý.Orazowa ýüzlenip, häzirki döwürde gaznanyň işini talabalaýyk utgaşdyrmak boýunça meýilleşdirilen işleriň doly derejede, talabalaýyk ýerine ýetirilmegi bilen baglanyşykly meseleleriň yzygiderli gözegçilikde saklanylmalydygyny belledi we onuň işine häzirki zamanyň täzeçil tehnologiýalaryny ornaşdyrmak babatda möhüm tabşyryklary berdi.

Gahryman Arkadagymyz gaznanyň iş dolandyryjysy H.Hajymyradowa gaznanyň hojalyk düzümlerinde alnyp barylýan işleriň ýagdaýy we onuň netijeliligini ýokarlandyrmak, onuň işini sazlaşykly guramak, täzeçil tehnologiýalary ornaşdyrmak ugrunda degişli düzümleriň wekilleri bilen bilelikde zerur işleri amala aşyrmak babatda birnäçe tabşyryklaryny berdi.

Halk Maslahatynyň Başlygy gaznanyň müdiriýetiniň agzasy, hasapçysy Ý.Çernowa gaznanyň hasabyna gelip gowuşýan maliýe serişdeleriniň haýyr-sahawat maksatly ynsanperwerlik kömekleri üçin gönükdirilýän mukdarynyň netijeli häsiýete eýe bolmagy, bu işleriň talabalaýyk alnyp barylmagy babatda degişli tabşyryklary berdi.

Hormatly Arkadagymyz gaznanyň hukukçysy M.Hojamberdiýewa ýüzlenip, ýaş nesilleri durmuş taýdan goldamak, howandarlyga mätäç çagalaryň saglygynyň dikeldilmegine ýardam bermek ýaly işleri baş ýörelge edinýän gaznanyň işiniň ygtybarly kanunçylyk binýadynyň berkidilmelidigini belledi we bu babatda birnäçe tabşyryklary berdi.

Milli Liderimiz gaznanyň media habarlar wekili A.Jepbarowa Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işini giňden wagyz etmek, bu babatda degişli düzümler bilen netijeli gatnaşyklary ýola goýmak, asylly işleri halkara giňişlikde wagyz etmek barada degişli tabşyryklary berdi.

Soňra Gahryman Arkadagymyz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmegine 5 ýyl dolýandygyny belledi we bu şanly sene mynasybetli hormatly Prezidentimizi, bütin halkymyzy hem-de gaznanyň agzalaryny tüýs ýürekden gutlady.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow hemmelere alyp barýan asylly işlerinde mundan beýläk-de uly üstünlikleri arzuw edip, bu ýerden ugrady.

**«Mugallymlar gazeti».**

# BEÝIK ÖSÜŞLERIŇ ŞUGLASY

Mähriban halkymyzyň baky bagtyna öwrülen şanly Garaşsyzlyk şuglasy bu günki gün ata Watanymyza bagtyýarlyk nuruny çaýýar. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda eziz Diýarymyz Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk toýuny toýlarys. Bu şanly sene şu ýylymyzyň taryhy wakasy bolmak bilen bir hatarda, halkymyzyň milli buýsanjydyr. Şonuň üçin hem bu günki gün zähmet üstünlikleri gazanylýar, ýurdumyzda beýik ösüşler rowaçlanýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda asyrlara barabar işler edilip, özüniň oňyn netijelerini berdi. Täze taryhy döwürde milli döwletlilik rowaçlanýar, türkmen halky parahat durmuşyna buýsanýar, beýik ösüşlerimiz dünýä ýaýylýar. Bu günki günde döwlet Garaşsyzlygynyň esaslaryny pugtalandyrmakda ösüşiň we netijeli işleriň aýratyn ähmiýete eýedigini bellemek gerek. Çünki ösüş arkaly halkymyzyň röwşen geljegi üpjün edilýär, ykdysadyýetiň binýady pugtalandyrylýar. Bu bolsa amala aşyrylan oýlanyşykly hem-de öňdengörüjilikli özgertmeler syýasatynyň berk binýadydyr.

Häzirki ajaýyp döwrümizde kalby buýsançdan, Watana bolan söýgüden doly bagtyýar halkymyzyň durmuşy, ýaşaýşy bütinleý özgerdi, döwrebap mümkinçilikler bilen baýlaşdy. Munuň özi häzirki zamanamyzyň dünýä derejesinde ösdürilýän eýýamdygyny aýdyň beýan edýär. Çünki asudalyk, parahatçylyk şemaly öwüsýän ýurdumyzda bagtyýar halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleri barha kämilleşýär. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen ata Watanymyz Türkmenistan diňe bir syýasy-ykdysady, medeni-durmuş taýdan ösen döwlet hökmünde däl-de, eýsem, parahatçylygyň, asudalygyň, dost-doganlygyň mekany hökmünde dünýäde tanalýar. Şeýle hem Türkmenistan milli ykdysadyýetiň pugtalanýan, sanly ulgamyň, döwrebap mümkinçilikleriň ösýän ýurdy hökmünde dünýäde giňden tanalýar.

Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk toýy toýlanýan ýylda hem belent üstünlikleriň gazanylmagy çuňňur many-mazmun bilen baýlaşýar. Bu günki günde ýetilen belent sepgitler halkymyzyň beýik gazananlarynyň biri bolup, geçmişimize sarpa, geljegimize uly ynamdyr. Beýik ösüşleriň şuglasyndan nur alýan ajaýyp ýolumyz röwşen geljegimiziň aýdyň ýoludyr. Berkarar döwlet guran beýik milletiň mertebeliliginiň, şan-şöhratynyň ýoludyr.

**Güljemal AMANLYÝEWA,**
**Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň mugallymy.**



# ÜSTÜNLIGIŇ BERK BINÝADY

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýurdumyzyň syýasy-jemgyýetçilik we medeni durmuşy galkynýar. Bagtyýarlyga beslenýän günlerde ajaýyp baýramçylyklar, tebigatyň janlanmagy döwletimiziň geljekki ösüşini kesgitleýän başlangyçlar bilen utgaşýar. Şeýle rowaçlyklaryň binýadynda bolsa milli köklere wepalylyk, halkara abraýyň berkidilmegi we ynsan baradaky aladanyň ileri tutulmagy durýar.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygy bilen dabaralanýan ýylyň çuňňur manyly şygarynda diňe bir ahalteke bedewlerine goýulýan sarpa däl, eýsem, ýurdumyzyň döwrebap ösüşleri aýdyň şöhlelenýär. Ýaz paslynyň joşguna beslenýän günlerinde bu şygar has-da dabaralanýar. Ganatly bedewleriň keşbi durmuş-ykdysady özgertmeleriň depginini, myratly menziller bolsa döwlet Baştutanymyzyň ýurdumyzy dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna çykarmaga gönükdirilen asylly başlangyçlaryny aňladýar.

Ösüş-özgerişleriň ýolunda ynamly ilerleýän Watanymyzda ata-babalarymyzyň asylly ýörelgeleri, ynsanperwer gymmatlyklary dowamata beslenýär. 29-njy martda Gahryman Arkadagymyzyň asylly başlangyjy bilen esaslandyrylan Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmeginiň 5 ýyllygynyň bellenilmegi hem bu hakykatyň aýdyň güwäsidir. Bäş ýylyň içinde bu gazna çagalaryň durmuş goraglylygyny üpjün etmekde uly işleri alyp bardy. Gaznanyň hasabyna çagalara birnäçe çylşyrymly operasiýalaryň edilmegi, iň döwrebap lukmançylyk enjamlarynyň we ýörite ulaglaryň satyn alynmagy munuň aýdyň subutnamasydyr.

Täze taryhy döwürde Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşinde pähimlilik bilen ruhubelentlik sazlaşýar. Ykdysadyýetiň pudaklaryna innowasiýalaryň ornaşdyrylmagy we milli medeniýetiň gülläp ösüşi geljekki üstünlikleriň berk binýadydyr. Rowaçlyklara beslenýän zamanamyzyň her güni Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň durnukly ösüş ýolunda ynamly gadamlar bilen ilerleýändigini äşgär edýär.

**Hydyr MYRADOW,**
**Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Aşgabat şäher komitetiniň guramaçylyk we syýasy işler bölüminiň müdiri.**



# ÝÜREKLERI NURLANDYRÝAN DABARALAR

**Häzirki döwürde ýurdumyzda hemaýata mätäç çagalara durmuş goldawyny bermek bilen baglanyşykly meseleler döwletimiziň hemişelik üns merkezinde saklanýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe paýhasly pederlerimiziň ýagşy dessurlary we ynsanperwer ýörelgeleri dowamata atarylýar. Şunuň bilen baglylykda, 29-njy martda Arkadag şäherinde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmeginiň 5 ýyllygy mynasybetli dabaraly çäre geçirildi.**

Şäheriň baýramçylyk meýdançasynda ýaýbaňlandyrylan çäreler «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň şanly wakalarynyň many-mazmun taýdan has-da baýlaşmagyny şertlendirdi.

Dabarada, ilki bilen, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň bu ýerde guralýan medeni çärelere gatnaşyjylara iberen Gutlagy okaldy.

Dabaranyň dowamynda sahawatly ýörelgeleri ösdürmekde işjeňlik görkezen halkara guramalaryň ýurdumyzdaky wekilhanalarynyň käbir ýolbaşçylaryny Türkmenistanyň «Arkadag» medaly bilen sylaglamak hakynda hormatly Prezidentimiziň gol çeken Permany okaldy. Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa dabaraly ýagdaýda Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş maksatnamasynyň Türkmenistandaky hemişelik wekili Narine Saakýany we Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistandaky wekili Jalpa Ratnany mynasyp bolan sylaglary bilen gutlap, olara «Arkadag» medalyny gowşurdy. Munuň özi halkymyzyň ýagşy dessurlaryny ilerletmek, Türkmenistanyň haýyr-sahawat ýörelgelerini halkara giňişlikde wagyz etmek ugrunda edilýän tagallalara berlen mynasyp baha hökmünde kabul edildi.

BMG-niň Çagalar gaznasynyň Türkmenistandaky wekili Jalpa Ratna hemmeleri haýyr işleri esasy ugur edinýän haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmeginiň 5 ýyllygy mynasybetli gutlady. Şeýle hem ol binagärlik çözgüdi boýunça haýran galdyrýan ajaýyp şäherde şanly sene mynasybetli guralýan giň möçberli çärede özüne ýokary döwlet sylagynyň gowşurylmagyny aýratyn hormat hökmünde kabul edýändigini aýtdy.

Soňra dabara Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy D.Gulmanowanyň çykyşy bilen dowam etdi. Milli parlamentiň ýolbaşçysy Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilen güni bilen Gahryman Arkadagymyzy we Arkadagly Gahryman Serdarymyzy gutlap, ýurdumyzda ýagşy dessurlaryň dabaralandyrylýandygyny alamatlandyrýan bu çäräniň ähmiýetine ünsi çekdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa hem hormatly Prezidentimizi we Gahryman Arkadagymyzy haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmeginiň 5 ýyllygy bilen tüýs ýürekden gutlady.

Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş maksatnamasynyň Türkmenistandaky hemişelik wekili Narine Saakýan hemmeleri bu günki şanly sene bilen tüýs ýürekden gutlap, özüne gowşurylan ýokary döwlet sylagyny uly buýsanç bilen kabul edýändigini aýtdy we munuň üçin hormatly Prezidentimize we Gahryman Arkadagymyza çuňňur hoşallygyny beýan etdi.

Çäräniň dowamynda dabara gatnaşyjylaryň çykyşlaryna giň orun berildi. Olarda ýagşy dessurlary baş ýörelge edinýän haýyr-sahawat gaznasynyň döredilen güni mynasybetli gutlag sözleri beýan edildi.

Soňra dabarada çykyş etmek üçin Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa söz berildi. Ol aýratyn ähmiýetli we buýsançly sene bolan haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmeginiň 5 ýyllygy mynasybetli guralan çärä gatnaşyjylary bu dabarada görýändigine örän şatdygyny belledi.

«Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň hemişelik üns merkezinde bolan haýyr-sahawat gaznasy häzirki wagtda ynsanperwerlik işini mynasyp dowam etdirýär. Gazna tarapyndan ýerine ýetirilýän haýyr-sahawat çäreleriniň netijesinde ýüzlerçe çaga ýokary derejeli lukmançylyk kömegini alyp, operasiýalar geçirilýär, bejeriş-dikeldiş hem-de öňüni alyş hyzmatlary üpjün edilýär. Bu bolsa döwletimiziň ynsanperwer syýasatynyň aýdyň beýany bolup durýar» diýip, gaznanyň wise-prezidenti nygtady.

«Gaznanyň alyp barýan asylly işi bitewüligiň, duýgudaşlygyň nusgasydyr. Geçen ýyllaryň dowamynda gaznanyň Türkmenistanda döwlet derejesinde alnyp barylýan we çagalaryň sagdynlygynyň, sazlaşykly ösüşiniň, abadançylygynyň üpjün edilmegine gönükdirilen ägirt uly işleri giň gerime eýe boldy. Ýaş nesiller hakyndaky alada durnukly hem-de sazlaşykly geljegiň kepilidir, parahatçylygyň, özara düşünişmegiň, asylly işleriň rowaçlanýan geljegine tarap ugurdyr. Halkymyzyň mätäje kömek goluny uzatmak, goldaw bermek ýaly asylly ýörelgelerinden ruhlanyp, haýyr-sahawat gaznasynyň Esaslandyryjysy — Prezidenti Gahryman Arkadagymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda haýyrly işlerimizi dowam etdireris. Biz bir toprakda ýaşaýandygymyzy, çagalaryň ýerleşýän ýerlerine garamazdan, olaryň biz üçin ýokary gymmatlykdygyny hiç haçan unutmaly däldiris. Şonuň üçin hem ynanyşmak we özara düşünişmek köprülerini gurmak arkaly çagalaryň nurana geljegi ugrunda bilelikde tagalla ederis. Çünki parahat durmuş nesillerimiziň sazlaşykly ösüşiniň baş şertidir» diýip, O.Atabaýewa sözüni jemledi.

Soňra Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmeginiň 5 ýyllygy mynasybetli guralan dabara ýurdumyzyň medeniýet we sungat ussatlarynyň belent ruha beslenen çykyşlary bilen dowam etdi.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmeginiň 5 ýyllygy mynasybetli geçirilen dabara gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň adyna Ýüzlenme kabul etdiler.

**«Mugallymlar gazeti».**

**Usulyýet — sapagyň esasy**

## SANLY ULGAMY ÖWRETMEGIŇ USULLARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň bilim ulgamy täze ösüşlere eýe bolýar, döwrebap özgertmeler amala aşyrylýar. Şunda okatmagyň iň kämil usullarynyň hem durmuşa geçirilýändigini bellemek gerek. Häzirki ajaýyp döwrümizde ýaşlara berilýän bilimiň hilini ýokarlandyrmak, dünýä tejribesine esaslanyp, döwrebap usullary ornaşdyrmak asylly ýörelgämize öwrüldi. Okatmagyň iň döwrebap usullaryndan peýdalanmak bilen zehinli ýaşlar kemala getirilýär.

Häzirki ösen döwürde sanly ulgamyň, kompýuterleriň ähmiýeti has-da ýokarydyr. Sanly ulgamyň ösýän döwründe bu ugurdan ýaşlara bilim öwretmek möhüm bolup durýar. Çünki sanly tehnologiýalar bilim özgertmelerinde hem aýratyn ähmiýete eýedir. Bu ugurda kämil hünärmenleri taýýarlamak möhüm ugurlaryň biridir. Şonuň üçin hem orta mekdeplerden başlap, ýaşlaryň kompýuter tehnologiýalaryna düşünmeklerini gazanmak üçin ýörite sapaklar guralýar. Bu babatda informatika sapaklarynyň ähmiýetini bellemek bolar.

Orta mekdeplerde 7-nji synpda informatika sapagy okadylýar we okuwçylaryň tehnologiýalara erk etmekleri üçin dürli mümkinçilikler döredilýär. Bu synpda informatika sapagynda «Şekilleri döretmek we redaktirlemek» diýen tema geçilýär. Bu sapakda kompýuterde şekilleri döretmegiň aýratynlyklary düşündirilýär. Okuwçylaryň bu sapaga oňat düşünmegi üçin multimedia tagtasyndan peýdalanýarys hem-de sapagy düşündirenimizde anyk mysallara ýüzlenýäris.



Biz kagyzda surat çekmäge başlamazdan öň, çotga, dürli reňkdäki galamlar, bozguç ýaly serişdeleri taýýarlaýarys. Şekili döretmekde käwagt öz isleýşiň ýaly netijäni alyp bolmaýar. Meselem, kagyzda bozguçdan soň yz galýar. Kompýuterde surat çekilende, suraty redaktirlemäge mümkinçilik alýarys. Bu aýratynlyklary multimedia tagtasynda görkezmek we depderlerine belletmek has-da täsirli we düşnükli bolýar. Çünki okuwçy görýän we öz eli bilen belläp alan maglumatlaryny tiz özleşdirýär. Şonuň üçin hem okuwçynyň diňe bir kompýuterde işlemegi däl-de, depderde bellikleri ýazmaklary, kesgitlemeleri ýatdan bilmekleri möhümdir.

Şekilleri döretmäge ýönekeýje gurallardan peýdalanmak bilen başlamak maslahat berilýär. Ilki ulanyljak reňk we düşegiň reňki saýlanmalydyr (esasy we ikinji reňk). Soňra zerur gurallar saýlanýar we syçanyň görkezijisi bilen surat çekmek işi ýerine ýetirilýär. Bu mysallary multimedia tagtasynda hem görkezýäris we düşündirýäris. Sapagyň dowamynda okuwçylar gerekli amallary kompýuterlerinde ýerine ýetirýärler. Bu bolsa tejribede işlemek mümkinçiligini ösdürýär.

Sapakda okuwçylar kompýuter tehnologiýasynyň aýratynlyklaryny, kompýuterde şekilleri döretmegiň usullaryny oňat özleşdirýärler, bu ugur boýunça mysallary öwrenýärler. Bu bolsa olaryň sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanmaklary üçin möhümdir.

**Jemal BEGMYRADOWA,**
**Ak bugdaý etrabyndaky 46-njy orta mekdebiň mugallymy.**



## SAPAGY IŞJEŇ GURAMAK

Ösüp gelýän ýaş nesli milli ruhda terbiýelemekde türkmen dili dersiniň uly orny bar. Başlangyç synp okuwçylaryna hem sapagyň üsti bilen milli sungatymyzy, edep-ekram kadalaryny öwredýäris. Munuň üçin 4-nji synplarda türkmen dili sapaklarymyzy netijeli guramaga çalyşýarys. Türkmen dili dersi okadylanda, barlagnamalardan ýerlikli peýdalanmak okuwçylarda türkmen sungatyna, ajaýyp tebigatymyza söýgi döretmekde örän ähmiýetlidir. Türkmen dili sapaklarynda okuwçylara ene dilimize söýgi döretmäge çalyşýarys. Okuwçylara durnukly bilim bermek üçin dürli görkezme esbaplardan, innowasion tehnologiýalardan başga-da barlagnamalardan peýdalanýarys. Sapakda barlagnamalardan peýdalanmak gysga wagtyň içinde synpyň ähli okuwçylarynyň bilim derejesini barlamak mümkinçiligini berýär. Okuwçylara barlagnamalar berlende, çalt pikirlenip, dogry jogaby tapýarlar.

Türkmen dili sapaklarynda barlagnamalaryň birnäçe görnüşlerinden peýdalanmak mümkin. Mysal üçin, surata seredip, içinde dodak çekimlisi bolan atlary görkezmeli. Surata seredip, açyk çekimlisi bolan atlary tapmaly. Şeýle hem surata seredip, içinde inçe çekimlisi bolan atlary, inçe we ýogyn çekimliler gatyşyp gelen atlary görkezmeli.

Başlangyç synp okuwçylary suratly barlagnamalar bilen işlemegi oňat görýärler. Şeýle barlagnamalar olaryň bilesigelijiligini artdyrýar, sapaklara işjeň gatnaşmagyna oňaýly täsir edýär.

**Alma TOGALAKOWA,**
**Bereket etrabyndaky ýöriteleşdirilen 19-njy orta mekdebiň mugallymy.**

# DÖWREBAP MÜMKINÇILIKLER

Bilim ulgamynyň binýatlyk esasynyň berkden tutulmagy, amala aşyrylýan düýpli özgertmeler ýurdumyzda hereket edýän bilim edaralarynda zähmet çekýän bilim işgärleriniň ýaşlara dünýä ülňülerine laýyk bilim bermekleri üçin giň mümkinçilikleri döretdi. Ýurdumyzda täze gurulýan ýa-da durky düýpli döwrebaplaşdyrylýan orta, ýörite orta we ýokary okuw mekdepleri döwrebap multimedia tehnologiýalary bilen üpjün edilýär. Dünýä derejesinde abzallaşdyrylan bilim ojaklarynda ýaş nesle berilýän bilim-terbiýe hil taýdan ýyl-ýyldan kämilleşýär we şuňa laýyklykda mazmuny-da baýlaşýar. Bilim ulgamyna döwlet derejesinde berilýän üns-aladanyň güýçlenmegi netijesinde, türkmen ýaşlarynyň döwrüň ösüşine kybapdaş aň-düşünjesi-de ösýär.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen ýurdumyzyň bilim ulgamy dünýä tehnikasynyň we tehnologiýalarynyň täze gazananlary bilen yzygiderli üpjün edilýär. Häzirki ajaýyp döwrümizde ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde ýaşlaryň sanly maglumat-aragatnaşyk enjamlaryndan oňat baş alyp çykmaklary hem-de elektron maglumat gorlarynyň üpjünçiliginiň ýokarlanmagyna gönükdirilen işler giň gerim bilen alnyp barylýar. Häzirki wagtda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde elektron usuly toplumlar döredilýär we onuň maglumat goruny baýlaşdyrmak bilen baglanyşykly çäreler üstünlikli amala aşyrylýar. Ýurdumyzyň bilim ojaklarynda elektron usuly toplumlaryň döredilmegi we maglumat gorunyň baýlaşdyrylmagy bilim bermegiň başlangyç ädimlerinden başlap, okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmekden we bilim berlişiniň ýokary hilini gazanmakdan ybaratdyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň bilim ulgamynda durmuşa geçirilýän giň gerimli özgertmeleriň barşynda milli bilimiň kanunçylyk binýady kämilleşdirilýär. Ýurdumyzda sanly bilim ulgamyny ösdürmek, bu ugurda dünýä tejribesiniň gazananlaryny, sanly bilim ulgamynyň döwrebap tehnologiýalaryny giňden ornaşdyrmak bilim ulgamynda amala aşyrylýan özgertmelere täzeden badalga berer.

**Pälwan NURMEDOW,**
**Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy.**

Rowaýatlar ummanyndan




## Kitabyň dili

Bir gün Abdyrahman Jamy şägirtleri bilen oturan eken. Şol wagt bir ýaş ýigit gelip, özüniň örän köp kitap okaýandygyny, ýöne olardan hiç hili lezzet alyp bilmeýändigini aýdypdyr. Bu ýaş ýigit akyldar Abdyrahman Jama şeýle sowal beripdir:

— Eý, akyldar, men gijelerine uklaman kitap okaýaryn. Emma şol kitaplar maňa gury kagyz ýaly bolup görünýär. Eýsem, kitabyň syryna nähili aralaşyp bolar?

Akyldar ýylgyryp, ýigide şeýle jogap beripdir:

— Oglum, kitap diňe bir kagyz ýa-da syýa däldir. Kitap paýhasly dostdur. Sen kitaby okanyňda, ony ýazan dana bilen gürleşýändigiňi duýmalysyň. Kitabyň «dili» bolýar. Emma ol «dil» gulak bilen däl-de, eýsem, ýürek bilen diňlenilýär. Sen kitabyň sahypasyny açanyňda, hamala, jennetiň gapysyny açan ýaly bolmalysyň. Eger sen kitaba mätäçlik bilen däl-de, diňe «okadym» diýen niýet bilen ýapyşsaň, ol saňa syryny açmaz.

## Alym hem-de ylym

Rowaýata görä, Mahmyt Zamahşarynyň ýaşan döwründe ylym öwrenmek we seýrek duş gelýän kitaplary okamak üçin uzak ýola gitmeli eken. Şeýle uzak ýola Mahmyt Zamahşary hem çykmaly bolupdyr. Bir aýazly gyş günlerinde galyň gar ýagypdyr. Köneürgençde bir alymyň öýünde örän gymmatly bir kitabyň bardygy barada habar ýaýraýar. Mahmyt Zamahşary bolsa şol aýazly günlerde Yzmykşirden Köneürgenje ugraýar. Ol barmaly ýerine ýetende, aýazdan ýaňa el-aýagy doňup, sandyrap duran eken. Öý eýesi ony içeri salyp, gyzgynjak nahar hödürleýär we ýylynmalydygyny aýdýar. Emma alym:

— Maňa ýyly nahar däl-de, şol gymmatly kitaby beriň. Bu kitabyň manysy meniň ruhumy islendik ýylylykdan hem has gowy ýyladar – diýipdir.

Mahmyt Zamahşary uzak gije ýatman, bu gymmatly kitaby okaýar. Ertesi gün daň atanda, alymyň eli doňup, galam tutmakda kynçylyk çekipdir. Emma ol «kitabyň berýän ýylylygy we ylmyň lezzeti meniň ähli agyrylarymy unutdyrýar» diýip, ylmy işlerini dowam edipdir.

**Baba MYRATBERDIÝEW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasynyň başlygy.**

# NESIL TERBIÝESINDE KITAPLARYŇ ÄHMIÝETI

**Kitap ynsan kalbyna ylham, göwünlere ganat berýän paýhas ummanydyr. Dürler hazynasy hasaplanylýan kitaplar türkmeniň geçmişinden, şu gününden habar berýär. Kitaplar halkyň ruhy hazynasydyr. Türkmen halky guba düýesini berip, Magtymgulynyň diwanyny satyn alan milletdir. Bahasy köşekli düýä deňelen kitabyň gymmaty danalaryň pähim-paýhasynda-da öz beýanyny tapýar. Gündogaryň beýik danasy Alyşir Nowaýy: «Jahanda kitap dek mährem dost bolmaz» diýse, Abdyrahman Jamy: «Kitapdyr ynsanyň baky hemrasy» diýmek bilen, kitabyň gymmatynyň üstüni ýetirýär. Gyzykly wakalaryň hem-de başdangeçirmeleriň beýanyny edýän kitap — täsin dünýä. Halkymyz: «Köp okan — köp biler» diýip, kitap okamagyň peýdasy barada ajaýyp nakyllary döredipdir. Pederlerimiz kitaby paýhas çeşmesine deňäp: «Bilmeýän zadyňy kitapdan sora» diýmek bilen, bilimler hazynasyndan köp zatlary öwrenip bolýandygyny belläp geçipdirler. Kitap okamak dünýägaraýşyňy giňeldýär, ýatkeşligiňi artdyryp, söz baýlygyňa, sözleýiş medeniýetiňe oňyn täsirini ýetirýär.**

Ýurdumyzda ösüp gelýän ýaş nesilleriň kitap okap, bilimler dünýäsine aralaşmagy, gyzykly maglumatlardan habarly bolup, dünýägaraýşyny giňeltmegi üçin ähli şertler döredilýär. Kitap okamak bilen, çagalar onda gürrüňi edilýän wakalaryň suratlaryna hem gyzyklanyp, özlerini jadyly dünýä syýahata giden ýaly duýýarlar. Kitapdaky gahrymanlaryň keşbiniň, wakalaryň şekilleri eseri okyjy üçin has-da düşnükli hem-de gyzykly edýär. Aslynda, hünärmenleriň geçiren barlaglaryna görä, içi suratly şekillere baý kitaplaryň hem çagalar, hem ulular üçin gyzyklydygy anyklanyldy.




Çagalaryň medeniýetli adam bolmagy üçin ýeke-täk serişde bar, ol hem okamakdyr. Gowy kitaplar hiç mahal ynsany özi bilen tanyşmadyk halatyndaky ýaly öňküligine galdyrmaýar. Kitap özüňi görkezmäge, döredijilik ukyplaryňy ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Şonuň üçin hem çagalarymyzyň bilimli, arassa ahlakly ýaşlar bolup ýetişmegi biziň berýän terbiýämize, olara bagyşlaýan söýgimize baglydyr. Çagalar biziň baş aladamyzdyr. Terbiýeçilik işi örän uly jogapkärçiligi talap edýär. Şoňa baglylykda, ata-eneleriň, mugallymlaryň bu işe has-da ünsli çemeleşmegi zerurdyr.

Kitap okamak bilen çaga durmuşyň düýp manysyna düşünmek, wakalary hyýalyňa getirip, olary bahalandyrmak, derňemek, öz pikirleriň bilen olaryň üstüni ýetirmek, wakany özüňçe jemlemek ýaly hadysalary öwrenýär. Kitap Watany, ata-enäni, maşgalaňy söýmegi, ata-babalarymyzyň döreden däp-dessurlaryny, edim-gylymyny hormatlamagy we berjaý etmegi ündeýär. Milli gymmatlyklarymyza bolan yhlasy kemala getirýär. Türkmene mahsus ahlak sypatlary barada düşünje berýär. Kitap okyjynyň diňe jemgyýetçilik aňyna däl, eýsem, jemgyýetçilik tertibine-de güýçli täsirini ýetirýär. Şol sebäpden hem çaga terbiýesinde kitaplaryň orny juda uludyr we örän ähmiýetlidir. Biz — mugallymlaryň bolsa ösüp gelýän ýaş nesillerde kitap okamak endiklerini kemala getirmek esasy wezipämizdir.

**Çary PALTAÝEW,**
**Saýat etrabyndaky 18-nji orta mekdebiň müdiri.**

# ÇAGALYGYŇ GYZYKLY DÜNÝÄSI




**Çagalykdan ýakymly ýatlamalary galdyrýan oýnawaçlar gadymy döwürlerden bäri adamlaryň gyzyklanmasyna öwrülip geldi. Oýnawaçlar halkyň gadymy däp-dessurlary we durmuş ýörelgeleri bilen berk baglanyşyklydyr. Olar diňe bir güýmenje däl, eýsem, terbiýe bilen hem berk baglanyşykly milli medeniýetiň bir bölegi bolup hyzmat edipdir. Oýnawaç çagalaryň ukybyny ösdürýär. Daş-töweregindäki bolup geçýän zatlara akyl ýetirmäge ýardam edýär. Oýnawaçlar arkaly çagalarda zähmete söýgi, dürli tehniki serişdelere bolan gyzyklanma döreýär. Bilesigelijiligi, synçylygy, çeperçilik hem-de döredijilik ukyplary kemala gelýär. Oýnawaçlar çagalarda ýakymly duýgulary oýarmaga, döredijilik başarnyklary döretmäge kömek edýär.**

Gadymy medeni ojaklardan tapylan arheologik tapyndylaryň içinde oýnawaçlar hem bar. Munuň özi oýnawaçlaryň müňlerçe ýyl öň dörändigini subut edýär. Çünki şol döwürlerde çagalar ýaşaýyş-durmuşda peýdalanylan zatlaryň kiçeldilen şekillerini oýnapdyrlar. Marguşda gazuw-agtaryş işleriniň dowamynda öý haýwanjyklarynyň şekilleri tapyldy. Marguş ussalary çaga oýnawaçlary bolup hyzmat eden öý haýwanlarynyň toýundan kinniwanja şekillerini kürelerde bişiripdirler. Munuň özi şol döwürlerde adamlaryň maldarçylyk bilen meşgullanyp, öý haýwanlaryny eldekileşdirip, hojalyk durmuşynda giňden peýdalanandygyny aňladýar.

Paýhasly oýunlar diňe bir çagalar üçin gyzykly bolman, eýsem, ol uly adamlar üçin hem özüne çekijidir. Şeýle oýunlar öz gözbaşyny has irki döwürden alyp gaýdýar. Marguşda geçirilen gazuw-agtaryş işleri netijesinde oýun çöpleriniň dürli görnüşleri tapylýar. Şeýle hem Döwlet muzeýinde çagalaryň oýnaýan aşyklary, oýnawaç terezi, toýundan ýasalan jürlewük, egin-eşigi milli görnüşde tikilen gurjaklar bar. Ýene-de bir täsin oýnawajyň biri hem hyžlawukdyr. Bu çaga oýnawajy eýlenen gönden tegelek kesilip, gyralary kertik-kertik edilip ýasalypdyr. Merkezinden deşik deşilip, uzyn ýüp dakylypdyr. Hyžlawugy ýüpüň kömegi bilen aýlanyňda, hyžlap ses edensoň, oňa «hyžlawuk» diýilýär.

Oýnawaçlar çagalar üçin diňe bir güýmenje bolman, eýsem, akyl, döredijilik we jemgyýetçilik ukyplaryny ösdürýän möhüm serişdedir. Olar asyrlarboýy üýtgäp, döwre laýyk kämilleşdirilipdir. Gadym döwürlerde oýnawaçlar, esasan, elde ýasalypdyr. XIX asyrda senagat öwrülişigi bilen oýnawaç önümçiligi çalt ösüp başlaýar. Oýnawaçlar fabriklerde öndürilip, metal maşynjyklar, demir ýol şekilleri we mehaniki oýnawaçlar giňden ýaýraýar. XX asyrda plastmassanyň peýda bolmagy bilen, oýnawaçlaryň görnüşi düýbünden üýtgeýär. 1932-nji ýylda dünýä belli LEGO atly gurluşyk kublary çagalaryň arasynda meşhur bolýar. 1959-njy ýylda bolsa meşhur Barbi gurjagy bazara çykarylýar. Ilkinji robot oýnawaçlar XX asyryň ortalarynda ýüze çykypdyr, emma häzirki wagtda interaktiw we emeli aňly görnüşleri hem bar.

Ýurdumyzda milli äheňli gurjaklar we sowgatlyk milli nagyşlar bilen bezelen oýnawaçlar diňe çagalaryň däl, ýurdumyza gelýän syýahatçylaryň hem ünsüni çekýär. Şeýle hem häzirki wagtda bilim beriji, pikirlenişi ösdüriji oýnawaçlaryň elektron görnüşi giňden ulanylýar.

**Aýjeren ÝAÝLYMOWA,**
**Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýiniň uly ylmy işgäri.**

# SAGDYN DURMUŞA EÝERIP

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly agzybirligimizi we jebisligimizi has-da berkidýän şanly wakalara beslenýär.

Ösüşiň täze belentliklerine tarap bedew bady bilen ynamly öňe barýan döwletimizde durmuşa geçirilýän beýik işler buýsanjymyzy artdyrýar.

Ata Watanymyzyň durmuş-ykdysady kuwwaty, medeni ösüşi, halkymyzyň bagtyýarlygy we abadançylygy, jemgyýetimiziň sagdynlygy nesillerimiziň beden we ruhy taýdan sazlaşykly ösüşi bilen berk baglanyşyklydyr. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda, ylym-bilim, saglygy goraýyş, sport, medeniýet ulgamlarynda giň möçberli özgertmeler amala aşyrylýar.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda köpçülikleýin bedenterbiýäni, Olimpiýa hereketini, sporty ösdürmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Bu ugurda milli maksatnamalar, toplumlaýyn özgertmeler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Aýratyn hem, beden we ruhy taýdan sagdyn nesilleri terbiýeläp ýetişdirmäge möhüm ähmiýet berilýär.

Türkmenistanda raýatlaryň saglygyny goramakda we berkitmekde mümkinçilikleri üpjün etmek, saglygy goraýşy halkara ölçeglere laýyklykda ösdürmek hem-de innowasion tehnologiýalara, öňdebaryjy lukmançylyk tejribesine esaslanýan kämil we ýokary netijeli saglygy goraýyş ulgamyny döretmek maksady bilen, «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň rejelenen görnüşi kabul edildi. Bu maksatnama laýyklykda, türkmen halkynyň saglyk ýagdaýynyň has-da gowulandyrylmagy we abadançylygynyň ýokarlandyrylmagy, adam ömrüniň ortaça dowamlylygynyň uzaldylmagy ugrundaky işleriň yzygiderli dowam edilmegi netijesinde sagdyn durmuş ýörelgeleri giňden ornaşdyrylýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe sport we Olimpiýa hereketini höweslendirmek we ösdürmek, oňa ýaşlary işjeň çekmek, olarda bedenterbiýe bilen meşgullanmaga höwesi artdyrmak, sagdyn durmuş ýörelgesiniň, zähmetsöýerligiň we döredijiligiň esasynda guwandyryjy işler alnyp barylýar.

Ýurdumyzda bedenterbiýäniň we sportuň kämilleşmegi, adamyň kuwwatynyň maddy we ruhy taýdan sazlaşykly utgaşmagy netijesinde sagdyn durmuş ýörelgelerine eýe bolmagy, şeýle-de sport boýunça halkara hyzmatdaşlygyň has-da giňeldilmegi döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

**Baýram GURTMYRADOW,**
**Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň halkara hyzmatdaşlyk bölüminiň baş hukuk maslahatçysy.**

**Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş instituty 2026-njy ýylyň 15 — 16-njy aprelinde sagat 15:00-da orta we orta hünär okuw mekdepleriniň uçurymlary, okuw merkezleriniň diňleýjileri, harby bölümleriň esgerleri, önümçilikde zähmet çekýän ýaşlar üçin**

# «AÇYK GAPYLAR» GÜNÜNI GEÇIRÝÄR

«Açyk gapylar» gününde ýaşlar Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamyny ösdürmek barada alyp barýan syýasatynyň institutda durmuşa geçirilişi, ýokary bilim ulgamynda gazanylýan üstünlikler, okuwlaryň guralyşy, taýýarlanylýan ugurlar, döwrebap tehnologiýalar we internet bilen enjamlaşdyrylan okuw binalary, ýöriteleşdirilen okuw we lingafon otaglary, aýdym-saz we tans toparlarynyň, şeýle-de sport klubunyň işi, talyplaryň ýaşaýyş şertleri bilen tanşyp bilerler.

Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş instituty baradaky ähli maglumatlary tsiem.edu.tm web saýtyndan hem okap bilerler.

**Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň salgysy:**
**Aşgabat şäheriniň 1972 (Atatürk) köçesiniň 73-nji jaýy.**
**Telefon belgileri: 48-62-31, 48-62-33, 48-62-29.**

**Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary instituty 2026 — 2027-nji okuw ýylynda okuwa girmäge isleg bildirýän umumybilim berýän orta mekdepleriň ýokary synp okuwçylaryny, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinden we beýleki goşunlaryndan harby gullukdan boşadyljak harby gullukçylary (esgerleri), edara-kärhanalarda işleýän ýaşlary şu ýylyň 18-nji aprelinde we 9-njy maýynda sagat 15:00-da**

# «Açyk gapylar» gününe çagyrýar

«Açyk gapylar» günlerinde ýaşlara okuwa girmek üçin talap edilýän resminamalar, institutda taýýarlanylýan hünärler, institutyň okuw binalary, barlaghanalary, kitaphanalary we alnyp barylýan okuw- terbiýeçilik, medeni-köpçülikleýin işler hem-de talyplaryň ýaşaýyş-durmuş şertleri barada giňişleýin maglumat berler.

**Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň salgysy:**
**Aşgabat şäheriniň Büzmeýin etraby, Senagat köçesiniň 51-nji jaýy. Telefon belgileri: 33-52-33, 39-26-20.**

# «AÇYK GAPYLAR» GÜNI

Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebi 2026 — 2027-nji okuw ýylynda okuwa girmäge isleg bildirýän ýaşlary şu ýylyň 8-nji aprelinde sagat 14:00-da «Açyk gapylar» gününe çagyrýar.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylyna beslenip gelen «Açyk gapylar» gününde ýaşlara Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek barada alyp barýan özgertmelerine laýyklykda, Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebiniň taýýarlyk ugurlary, olara degişli hünärler, okuw-usuly, terbiýeçilik, medeni-köpçülik işleri hem-de talyplaryň okamagy, ýaşamagy, medeniýetli dynç almagy, sport bilen meşgullanmagy üçin döredilen ähli şertler barada giňişleýin maglumat berler.

**Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebiniň salgysy:**
**Arkadag şäheriniň Gorjaw etrabynyň Arkadag şaýolunyň 36-njy jaýy.**

**Telefon belgisi: 57-20-01.**

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR
MUGALLYMLAR GAZETI
ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

Baş redaktor
Söhbet NURBERDIÝEW

BIZIŇ SALGYMYZ:
Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly-100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.

TELEFONLARYMYZ:
kabulhana — 38-61-53; jogapkär kätip — 39-96-40.
E-mail: mugallymlar-gazeti@sanly.tm
BÖLÜMLER:
syýasat — 39-96-39; milli miras we edebiýat — 39-96-45; orta bilim we terbiýeçilik işi — 39-96-47; ylym, ýokary we ýörite orta okuw mekdepleri — 39-96-42; habarçy hatlar — 39-96-48; kompýuter merkezi — 39-96-43; faks — 38-61-45.

Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

Gazet hepdäniň duşenbe, çarşenbe günleri çykýar.

SANY - 18400.

4 833001 500073

Bahasy 30 teňňe.

Indeksi — 69452. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A2, möçberi 2 ç.k. A-118383

Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 39-95-36.